# Derbentden Stokgolma: Garaşylan öwrülişik sepgidi

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Derbentden Stokgolma: Garaşylan öwrülişik sepgidi DERBENTDEN STOKGOLMA: GARAŞYLAN ÖWRÜLIŞIK SEPGIDI




*Kuran ýakma jenaýaty Ýewropanyñ medeni köpdürlilik, migrasion we integrasion syýasatlarynyñ aýrylmaz parçasyna öwrülip biler. Şeýle ýagdaýyñ birinji gezek bolup geçmeýändigini gowy bilýäris*
Şwed polisiýasy Gurban baýramy gününde ir säher bilen Kuran ýakjakdygyny we aýak astyna salyp depgilejekdigini jar eden Salwan Momikany goramak üçin ýurduñ paýtagty Stokgolmdaky Baş metjidiñ öñünde jemgyýetçilik howpsuzlygy gullugynyñ işgärlerini hatara duruzdy.
Momika bu prowokasiýasyny ekstremistik sagçy herekete goşulandygyny görkezmek üçin etdi. Onuñ yrakly migrantdygy we bu hereketi bilen möhletinden öñ syýasy arena çykmaga edýän synanşyklaryny goldamagy üçin yslama duşmançylykly göz bilen garaýan gatlagy özüne çekmäge dyrjaşýandygy mälim.
Şondan birnäçe sagat soñ Russiýanyñ döwlet ýolbaşçysy Wladimir Putin Hazar deñziniñ kenaryndaky Derbent şäheriniñ Baş Jumga mesjidine baryp gördi.
Ol bu ýerde wideokameralaryñ garşysyna köne Kuran kitabyny kükregine gysýan we iki eli bilen gujaklaýan görnüşde çykdy.



Ýanyndakylaram «mukaddes kitabyň depgilenýän we döwletiň raýatlarynyň ynançlaryna hormat goýmaýandygyny görkezmek üçin hiç zat etmeýän beýleki ýurtlardakylaryň tersine» rus döwletiniň Kurana we ähli mukaddes kitaplara bolan hormatyndan, agzalarynyň duýgularyna gönükdirilen islendik kemsidilmäni we göwne degilmäni ret edýändiginden söz açýardy.
Kuran ýakma jenaýaty Ýewropanyň medeni köpdürlilik, migrasion we integrasion syýasatlarynyň aýrylmaz parçasyna öwrülip biler. Şeýle ýagdaýyň birinji gezek bolup geçmeýändigini gowy bilýäris. Mundan öň 2020-nji ýylyň aprel aýynda we şu ýylyň ýanwar aýynda birmeňzeş formalarda şeýle ýagdaý bolup geçipdi.
Birinjisinde, bu waka polisiýanyň we protestçi migrantlaryň arasynda giň gerimli çaknyşyklaryň bolmagyna getiripdi, ýaralananlar bolupdy, awtoulaglar ýakylypdy we köp sanly adam tussag edilipdi.
Soňky waka asly alžirli ýaş ýigit Nael Marzoukiniň (Nail Merzuki) 27-nji iýunda polisiýa işgärleri tarapyndan öldürilmeginiň yzysüre Fransiýada ýüze çykan giň gerimli çaknyşyklar bilen bir wagta gabat geldi.
Munuň bilen birlikde bu wakanyň birnäçe seslenme döreden problema öwrülmegine goşant goşan başga-da wakalar bar. Bu ýerde aýratynam Ukrainadaky urşa ugurdaşlykda syýasy çaknyşyga ýol arçajakdygy şübhesiz bolan Russiýanyň döwlet ýolbaşçysynyň pozisiýasyna salgylanmaly bolýarys.
Ukrainadaky uruş biziň pikirimizçe iki polýusly sistemanyň (bir tarapda Russiýa we Hytaý, beýleki tarapda beýleki senagatlaşan ýurtlar) töwereginde aýlanýan has giň gurşawly çaknyşygyň bir bölegidir.
Görnüşi ýaly Putiniň bu signaly hakykatdanam ýerine düşdi. «El-Ezher» mesjidinden berlen beýanatda Russiýanyň döwlet ýolbaşçysynyň özüni alyp barşy minnetdarlyk bilen agzalyp, şwed hökümetiniň öz abraýyna ýaramaz täsir edip biljek

prowokasiýa bolan pozisiýasy ýazgaryldy.
Russiýa yslam dünýäsiniň simpatiýasyny doly gazanandyr-a öýdemok, sebäp onuňam özüne ýeterlik problemalary bar. Emma Prezident Putiniň taryhy metjitde sözlän sözi köp sanly musulmanyň aňynda aýlanýan soragyna jogap berdi.
Ol soragam şu: Kimligimize ýa-da mukaddesliklerimize howp abansa ýa-da depgilense kim biziň ýanymyzda durar?
Muňa beriljek jogap Günbatar koalisiýasyny ynjalyksyzlandyrmaly, çünki bu iň bärkisi Moskwa bilen üçünji dünýäniň arasyndaky köne ýaranlaryň yza dolanyp barmagynyň ýoluny arçaýar we halkara gatnaşyklar ulgamynda düýpli öwrülişikleriň boljakdygyna yşarat edýär.
Kuran ýakma prowokasiýasy bilen bir wagta gabat gelen wakalar Ýewropa jemgyýetçiliginde üns berilmäge mynasyp täze analitiki çarçuwany emele getirýär.
Bu gatlaklaryň indiki çekişmeleri megerem geçen gezekki ýaly söz azatlygynyň ýa-da mukaddesliklere hormat goýmagyň üstünde bolmasa gerek.
Tersine, bular ýaly wakanyň Parižäki galmagal we jenjel ýa-da Russiýanyň baştutanynyň ýönelmeleriniň görkezişi ýaly global syýasy goýuma meňzeş formada ýol arçap biljekdigi effektler bilen baglanşykly bolar. Bu ýagdaý aýratynam Ýewropadaky musulmanlar üçin amatly pursat. Öňümizdäki günlerde dolandyryş elitasynyň syýasy çykyşlary uly ähtimallyk bilen geçen aýlarda ýoň bolşy ýaly mejbiry medeni integrasiýa düşünjesi bilen meşgul bolup oňmaz, tersine, Birleşen Korollygyň we ABŞ-nyň has öňem edişi ýaly köptaraplaýyn çarçuwanyň içinde, syýasy integrasiýanyň daşynda aýlanar.
Munuň özi manysyna düşünýänler üçin amatly pursat we talaplaryna hukuk taýdan ýetmegiň ýeke-täk ýoly şu bolandygy üçin musulmanlaryň syýasy durmuşda giň möçberde ýer alyp, esasy we ýerli saýlawlara işjeň gatnaşyp bu ýagdaýa baha bermekde gyssanmak gerekdigini öňe sürýärin.
Tewfik SEÝF,
Saud Arabystanly žurnalist.

Penşenbe, 06.07.2023 ý. Publisistika